***Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda türkmen Bitaraplygynyň dünýä derejesinde ykrar edilmeginiň şanly 30 ýyllygy giňden bellenilýär. Bu baýramyň öňüsyrasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýiti zehininden dörän «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynyň çap edilmegi halkymyza ajaýyp sowgatdyr.***

Döwlet Baştutanymyzyň täze kitaby 9 bölümden ybarat bolup, onda türkmen Bitaraplygynyň geçen ýoly, ýurdumyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen üç gezek ykrar edilen Bitaraplyk hukuk derejesiniň dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekdäki ähmiýeti giňden beýan edilýär. Kitap ýokary çaphana usulynda neşir edilip, üç dilde — türkmen, iňlis we rus dillerinde giň halk köpçüligine ýetirildi.

Bu eser türkmen Bitaraplygynyň parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmekdäki ähmiýetini giňişleýin düşündirýän gymmatly gollanmadyr. Hormatly Prezidentimiziň syýasy garaýyşlarynyň örän çuňdugyny, öňdengörüjiligini görkezýän täze kitapda häzirki çylşyrymly ählumumy şertlerde adamzadyň abadançylygyny üpjün etmekde, möhüm meseleleri oňyn çözmekde, dünýäde ynanyşmagy we dost-doganlygy pugtalandyrmakda Bitaraplygyň netijeli gurallaryndan peýdalanmagyň ýollary hakynda gymmatly pikirler öňe sürülýär.

Täze eserde: «Parahatçylyk türkmen halkynyň diňe bir saýlap alan ýörelgesi däl, eýsem, müňýyllyklardan bäri kemala gelen ýaşaýyş pelsepesidir» diýlip bellenilýär. Şunuň bilen baglylykda, eserde Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ösdürilen oňyn Bitaraplyk syýasatymyzyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde Watanymyzyň toplan halkara abraýy bu ugruň örän dürs we oýlanyşykly saýlanyp alnan ýoldugyny aýdyň görkezýär. Bitaraplyk syýasatymyzyň ylmy-edebi jähetlerini giňden beýan edýän täze kitabyň çapdan çykmagy mynasybetli Gahryman Arkadagymyzy hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzy gutlap, bu ajaýyp baýramçylyk sowgady üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirýäris.

**Gyzylgül GYLYÇGELDIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 11.12.2025